тились, они защищали людей от различных опасностей, отличались крайней осторожностью, заранее предупреждали о любой опасности.

Еще у наших туркмен есть такая фраза: «Отсутствие собаки – два месяца и десять дней». Говорят, что собака-мать вынашивает своих щенков в утробе два месяца, а через десять дней щенки рождаются, их глаза открываются и они начинают лаять. Имея это в виду, наши предки создали приведенную поговорку.

В своей книге «Туркменские алабаи» Герой-Аркадаг отмечает: «Клички туркменских собак также связаны с историей военного искусства. О том, что определенных правителей сопровождали верные помощники – породистые собаки, – рассказывается в богатых исторических источниках. Туркменские собаки наделены способностью защищать людей от диких животных и даже от опасности змей. Поэтому ни одно существо не сможет занять их место».

Да, эти собаки, обладающие такими особенностями, как бдительность и преданность, сегодня эффективно используются для обеспечения надежной охраны священных



netijeli peýdalanylýar. Serhet goragyna türkmen alabaýlarynyň çekilmegi, olaryň esgerler bilen deň hatarda tabşyryklara gatnamagy Döwlet serhet gullugynyň ajaýyp üstünlikleriniň biridir. Bu itleriň saklygy, eýesine, ýal iýýän ýerine aýartyn wepadarlygy olaryň eziz Watanymyzyň dost-doganlyk serhetleriniň goragynda göz öňünde tutulýan maksatlarda ulanmaklygyň aýratyn uly ähmiýetiniň boljakdygyny görkezýär.

2019-njy ýylda «Oguzhan» adyndaky Türkmenfilm birleşigi-

Alabays to border defense and their participation in hostilities together with border guards is one of the outstanding achievements of the State border service. The safety and devotion of these dogs to their owner and the place where they feed show that their use in order to protect the friendly borders of the dear Motherland will have a great importance.

In 2019, the feature film "Vepadar", shot by the creative team of our service with the support

границ страны. Привлечение туркменских алабаев к обороне границы и их участие в боевых действиях вместе с пограничниками является одним из выдающихся достижений Государственной пограничной службы. Безопасность и преданность этих собак хозяину и месту, где они едят корм, показывают, что их использование в целях защиты дружественных границ дорогой Родины будет иметь большое значение.

В 2019 году художественный фильм «Вепадар», снятый творческим коллективом

niň ýardam bermeginde, Gullugymyzyň döredijilik topary tarapyndan surata düşürilen «Wepadar» atly çeper filminde hem türkmen alabaý itleriniň serhet goragyndaky ähmiýeti täsirli beýan edilýär. Hususan-da Gahryman Arkadagymyzyň başlangyçlary esasynda türkmen alabaý itleriniň döwlet serhediniň goragynda netijeli ulanylyp başlanylyşy, arassa ganly alabaý tohum itlerini köpeltmekde ýüze çykan meseleleriň üstünlikli ýeňlip geçilişi barada dürli dartgynly wakalar bilen utgaşyp gidýän film tomaşaçylaryň uly seslenmesine eýe boldy. Türkmen

of the "Turkmenfilm" Association named after Oguzkhan, effectively describes the importance of Turkmen Alabays in border protection. The film, which tells about Hero-Arkadag's initiative on the effective use of Turkmen Alabays in the protection of the state border, successfully overcoming problems in the breeding of purebred dogs, accompanied by various stressful events, received a great response from the audience. Participating in the shooting of this film, which was

нашей службы при поддержке Объединения «Туркменфильм» имени Огузхана, эффектно описывает значение туркменских алабаев в охране границ. Фильм, рассказывающий об инициативе Героя-Аркадага по эффективному использованию туркменских алабаев при охране государственной границы, успешному преодолению проблем в разведении чистокровных пород собак, сопровождающийся различными напряженными событиями получил большой отклик у зрителей. Участвуя в съемках этого



telewideniýesinde birnäçe gezek ýaýlyma berlen bu filimiň surata düşürilişine gatnaşmak bilen men türkmen alabaý itleriniň gaýduwsyzlygyna, eýesine wepalylyk hem berk tabynlyk duýgusyna, gylyk-häsiýetleriniň nesilden-nesle geçijiligine has hem çuň göz ýetirdim. Filmde Gulluk itleriniň köpeldiş-kämilleşdiriş merkezinde serhetçi esgerleriň ençemesi özlerine berkidilen gulluk itleri bilen türgenleşip, okuw möwsümi tamamlananda gulluk itleri bilen bilelikde serhet galalara ugradylyşy, olaryň serhet galalarda, ýurdumyzyň gözel künjeklerinde gullugy alyp baryşlary örän inçelik bilen beýan edilýär. Şeýle-de filmiň gahrymanlarynyň durmuş meseleleri bilen bir hatarda päk söýginiň utgaşykly beýan edilmegi, ajaýyp aýdymlaryň ýaňlanmagy filmiň täsirliligini has-da artdyrýar. Türkmen alabaý itleri barada dürli göwrümli filmler başga-da örän kän. Türkmeniň nusgalyk alabaýlarynyň abraý-mertebesini has-da belende galdyrmakda geljekde hem uly işleriň geçiriljekdigine berk ynanýarys.

Berkarar döwletiň täze eýýamynyň Galkynyşy döwründe hormatly Belent Serkerdebaşymyzyň parasatly ýolbaşçylygynda maddy binýady yzygiderli pugta-

broadcast several times on Turkmen television, I became even more selflessness of the indifference of the Turkmen Alabays, their devotion to their owners and strong obedience, as well as the transmission of their behavior from generation to generation. In the film, several border guards are trained with service dogs at the Center for Breeding and Improvement of Service Dogs, and after the end of the training season, they are sent to border forts together with service dogs, and their service in border forts and in beautiful regions of the country is described in detail in the film. Also, in addition to the life problems of the characters, the effectiveness of the film is enhanced by the harmonious expression of pure love and the sound of beautiful songs. Many films of different scales have also been shot about Turkmen alabays. We firmly believe that in the future, great things will be done to further increase the prestige of Turkmen classic Alabay.

In the period of Revival of the New Era of the Powerful State, the oath of allegiance is in the

фильма, который несколько раз транслировался по туркменскому телевидению, я еще больше осознал самоотверженность туркменских алабаев, их преданность своим владельцам и сильное послушание, а также передачу их поведения из поколения в поколение. В фильме несколько пограничников тренируются со служебными собаками в Центре разведения и усовершенствования служебных собак, а после окончания сезона обучения, их вместе со служебными собаками отправляют на пограничные форты, служба в пограничных фортах и в красивых регионах страны подробно описаны в фильме. Также, наряду с жизненными проблемами героев, эффективность фильма повышает гармоничное выражение чистой любви и звучание красивых песен. О туркменских алабаях также снято множество фильмов разного масштаба. Мы твердо верим, что в будущем будут сделаны великие дела для еще большего повышения престижа туркменских образцовых алабаев.

В эру Возрождения новой эпохи могущественного государства клятва верности отзывается не только в ушах, но и в серд-

landyrylýan ýurdumyzyň Serhet goşunlarynyň hatarlarynda gulluk edýän her bir harby gullukçynyň diňe bir zybanynda däl-de, kalbynda hem wepalylyk kasamy ýaňlanýar. Çünki Gahryman Arkadagymyzyň ähli halkymyz bilen bir hatarda biz – serhetçiler üçin edýän bimöçber aladalary biziň mukaddes borçlarymyzy aňryýany bilen berjaý etmeklige bizi has-da ruhlandyrýar.

**Maksatmyrat ATABALOW,**
**maýor.**

heart of every soldier serving in the ranks of the border troops of the country, whose material base is constantly being improved. We state borders express our best wishes to the National Leader of the Turkmen people and Arkadagly Hero Serdar and to our people.

**Maksatmyrat ATABALOV,**
**major.**

це каждого военнослужащего, проходящего службу в рядах пограничных войск страны, материальная база которых постоянно совершенствуется и укрепилась под мудрым руководством уважаемого Верховного главнокомандующего. Потому что, огромная забота Героя-Аркадага о пограничников не только вдохновляет, но и обязывает нас на добросовестное выполнение нашего священного долга.

**Максатмырат АТАБАЛОВ,**
**майор.**



# TAZY AWDA SYNALAR

## GREYHOUND BEING TESTED ON A HUNT

## БОРЗАЯ ПРОВЕРЯЕТСЯ НА ОХОТЕ

Merdana pederlerimiz özleriniň ýaşaýyş durmuşynda awçylyk tärlerinde aw awlamagyň, yz çalmagyň, täsin tärlerini ezberlik bilen ýöredipdirler. Türkmen durmuşynda ýedi hazyna deňelýän milli gymmatlyklarymyzyň içinde orun alan jandarlaryň biri-de türkmen tazysy. Bu barada Gahryman Arkadagymyz "Türkmen alabaýy" atly ajaýyp kitabynda: **"Ýer ýüzünde ýaşaýan haýwanlaryň ýedisiniň gelip çykyş taryhy diňe türkmen halky bilen baglanyşyklydyr hem-de olar diňe şu mekanda, şu topragyň üstünde ösüp-örňäpdir, şu halkyň ady bilen äleme äşgärdir. Şol ýedi jandar ahalteke bedewi, türkmeniň arwana düýesi, türkmeniň tazysy, türkmen saryja goýny hem-de türkmen alabaýy hasaplanýar"** diýip nygtaýar. Türkmen tazylarynyň beýleki halklaryňka meňzemeýän häsiýeti bar. Ezber awçylar aw awlamazyndan öň tazy itleri awa salyp, özleri tazylaryň yzy bilen ýöräp, synçylyk bilen yz çalypdyrlar

Our glorious ancestors in their hunting traditions adhered to unique methods of tracking and hunting. The Turkmen greyhound is one of the creatures included in the seven treasures of Turkmen life. Hero-Arkadag wrote about this in his wonderful book "Turkmen Alabay": "The history of the origin of the seven animals living on earth is connected only with the Turkmen people, and they grew and prospered only in this place, on this land, and it is known to the world under the name of this people. These seven animals are considered to be the Akhalteke horse, the Turkmen camel, the Turkmen greyhound, the Turkmen Saryja sheep and the Turkmen Alabay." Turkmen greyhounds have a character that is unlike any other species of other peoples. Before the chase, hunters put the hounds out to hunt, watched the hounds themselves and tracked them. The greyhound was able to track in the vast wilderness thanks to

Наши славные предки в своих охотничьих традициях придерживались уникальным методам охоты, выслеживания и охоты. Туркменская борзая – одно из созданий, входящих в число семи сокровищ туркменской жизни. Об этом Герой-Аркадаг написал в своей замечательной книге «Туркменские алабаи»: «История происхождения семи животных, живущих на земле, связана только с туркменским народом, и они росли и процветали только в этом месте, на этой земле, и оно известно миру под именем этого народа. Этими семью животными считаются ахалтекинская лошадь, туркменский верблюд, туркменская борзая, туркменская сарджинская овца и туркменский алабай». Туркменские борзые обладают характером, непохожим ни на один вид других народов. Перед охотой охотники выставляли гончих на охоту, следили за са-

(yz alypdyrlar). Tazy giň sährada özüniň çeýeligi we yz boýunça yz çalmagy duýgurlyk bilen başarypdyr. Onuň yz çalyjylyk ukyby ys alyjylygyna bagly bolupdyr. Tazy aw meýdanynda öz awyny ys almak bilen tapýar. Tazynyň ys alyjylyk duýgurlygy onuň awyny çalt tapmagyna kömek edýär. Awçy mergenler yz almaga ezber bolsalar-da, olar öz ýanlaryndan tazy itlerini goýmandyrlar. Şol sebäpli awçynyň tazysy awçy üçin iň ýakyn ýoldaş hasaplanýar.

its agility and sensitivity. Its ability to track depended on its sense of smell. The greyhound finds its prey in the hunting grounds by smell. The greyhound's sense of smell helps it find its prey quickly. Although hunters were masters at tracking, they always took their greyhounds with them. That is why a hunter's greyhound is considered his best companion. The greyhound's ability to smell also depended on its diet. Experienced hunters fed the hound in the eve-

мими гончими и выслеживали их. Благодаря своей ловкости и чувствительности борзая умела выслеживать в бескрайней дикой местности. Его способность выслеживать зависела от его обоняния. Борзая находит добычу в охотничьем угодье по запаху. Обоняние борзой помогает ей быстро найти добычу. Охотники хоть и были мастерами выслеживания, но своих борзых всегда брали собой. Именно поэтому борзая охотника считается его



Tazynyň ys almak ukyby onuň naharlanylmagy bilen hem bagly bolupdyr. Tejribeli awçylar aw tazynyň ys alyjylygyny we awy tapmak başarnygyny ösdürmek üçin ony agşam hem-de irden alagaraňkyda naharlapdyrlar. Şeýle-de ýylyň pasyllaryna görä dogry iýmitlendirilse dürs görlüpdir. Ýagny gyş we beýleki pasyllarda tazyny naharlanlarynda duzsuz gaýnadylan iýmit bilen ýallapdyrlar. Duzly taýýarlanylan iýmit onuň gözleriniň kütelmegine zyýan beripdir.

Ezber awçylaryň aýtmagyna görä, awçy aw meýdanynda tazylary awa salyp türgenleşdiren mahaly, tazylaryň ýyndamlygyna, çeýeligine, duýgurlygyna ünsli çemeleşmelidigini belleýärler. Bu bolsa tazynyň aw pursadynda dürli päsgelçiliklerden çalasynlyk bilen geçmegine baglydyr. Tebigy şertlere görä tazy aw mahalynda sazaklaryň, tikenekli gyrymsy ot-çöpleriň arasynda gezeninde, ol öz awyny almaga örän hüşgär bolýandygyny düşündirýärler. Awçy mergenler tazyny awa salynmazdan öň ony az iýmit bilen iýmitlendiripdirler. Awçylar aw wagtynda awa salynjak tazyny asla naharlamandyrlar. Şeýle-de tazy awdan gelen mahaly awçylar tazyny artykmaç iýmitlendirmändir. Şol sebäp-

ning and early in the morning to improve its sense of smell and ability to find prey. It is also advisable to feed depending on the season. For example, in winter and other times of the year, the greyhound was fed boiled food without salt. Salty food damaged its eyesight.

According to experienced hunters, when training hounds on the hunting field, the hunter should pay attention to their preparedness, agility and sensitivity. This depends on the fact that the greyhound tries to overcome various obstacles during the hunt. They explain that, naturally, when the greyhound hunts among sedge and thorny weeds, it must be very alert to catch the prey. Before the hunt, the hunters fed the greyhound a small amount of food. The hunters did not feed the greyhound during the hunt. Also, the hunter did not overfeed the greyhound when it returned from the hunt. Therefore, the greyhound had to eat the food provided by its owner.

During the Revival of the New Era of the Powerful State,

лучшим компаньоном. Способность борзой обонять также зависела от ее рациона. Опытные охотники кормили гончую вечером и рано утром, чтобы улучшить ее обоняние и способность находить добычу. Также желательно питаться в зависимости от времени года. Например, зимой и в другие времена года борзую кормили вареной пищей без соли. Соленая еда вредила зрению.

По словам опытных охотников, при дрессировке гончих на охотничьем поле охотнику следует обращать внимание на их подготовленность, ловкость и чувствительность. Это зависит от того, что борзая во время охоты старается преодолевать различные препятствия. Они объясняют, что, естественно, когда борзая охотится среди осоки и колючих сорняков, она должна быть настороже, чтобы поймать добычу. Перед охотой охотники кормили борзую небольшим количеством еды. Также охотник не перекармливая борзую, когда она возвращалась с охоты. Поэтому борзой приходилось питаться кормом, предоставленным ее хозяином.

den tazy, eýesiniň beren iýmiti bilen oňmaly bolupdyr.

Berkarar döwletiň täze eýýamynyň galkynyşy döwründe türkmen tazysynyň gadymy tohumyny gorap saklamak we baýlaşdyrmak boýunça giň gerimli işler alnyp barylýar. Milli mirasymyzyň hak howandary Gahryman Arkadagymyzyň, Arkadagly Gahryman Serdarymyzyň janlarynyň sag, ömürleriniň uzak, bütin adamzat ähmiýetli, il-ýurt bähbitli işleriniň rowaç bolmagyny arzuw edýäris.

**Perman HALMYRADOW,**
**Türkmenistanyň Döwlet energetika institutynyň mugallymy.**

large-scale work is being carried out to preserve and enrich the ancient breed of the Turkmen greyhound. We wish the Hero-Arkadag, the patron of our national heritage, and Arkadagly Hero Serdar good health, long life, great success in great deeds for the benefit of our country and all mankind.

**Perman Halmyradov,**
**Lecturer at the State Energy Institute of Turkmenistan.**

В эру Возрождения новой эпохи могущественного государства проводится масштабная работа по сохранению и обогащению древней породы туркменской борзой. Желаем Герою-Аркадагу, покровителю нашего национального достояния, и Аркадаглы Герою Сердару крепкого здоровья, долгих лет жизни, больших успехов в великих делах во благо нашей страны и всего человечества.

**Перман Халмурадов,**
**преподаватель Государственного энергетического института Туркменистана.**



# Türkmen alabaýy-ruhy gymmatlyklarymyzyň gönezligi

## THE TURKMEN ALABAY – THE NATIONAL HERITAGE OF THE TURKMEN PEOPLE

## ТУРКМЕНСКИЙ АЛАБАЙ – НАЦИОНАЛЬНОЕ НАСЛЕДИЕ ТУРКМЕНСКОГО НАРОДА

Türkmen alabaýy halkymyzyň ahalteke bedewi, saryja goýunlary, «çöl gämileri» ady bilen äleme meşhur bolan, uzak wagtlap agyr ýüküň astynda alys menzilleri söküp bilýän, suwsuzlyga çydamly arwana

The Turkmen people have added to the treasury of world heritage such national treasures as the Turkmen Alabay, the Akhalteke horse, Turkmen

Туркменский народ пополнил сокровищницу всемирного наследия такими национальными ценностями как туркменский алабай, ахалтекинский скакун, туркменские тонкорунные овцы



düýeleri ýaly, dünýä beren gymmatlyklarynyň biridir. Käbir maglumatlara görä, türkmen alabaýlarynyň gelip çykyşynyň bäş müň ýyllyk taryhy bar. Gazan kelle, läheň göwre, aýy penje, şir ýüreklilik, gaýduwsyzlyk, öz eýesine wepadarlyk türkmen alabaýlaryna mahsusdyr. Munuň şeýledigine halk arasynda itler bilen baglanyşykly bolan, dürli döwürlerde dörän nakyllardyr atalar sözleri hem doly güwä geçýär. Parasatly pederlerimiz «It geldi–gut geldi» diýmek bilen, gapydan itiň gelmegini ýagşylyga ýorupdyrlar. «Gut» gadymy türkmen sözi bolup, ol "bagt, rowaçlyk" manylaryny aňladýar. Ýene-de halk arasyndaky «Itim bar, gutum bar», «It–ata, är–daýa çeker», «It wepa» ýaly aýtgylar halkymyzyň öz arassa ganly alabaýlaryna çäksiz sylag-hormat, egsilmez buýsanç bilen garandyklaryndan habar berýär. Adamyň ýalňyzlykda daşynyň goragçysy, wepadar dosty hasaplanýan itler barasynda halk arasynda ençeme rowaýatlar döräpdir. Şeýle rowaýatlaryň birinde uç-gyraksyz Garagum sährasynyň goýnunda bakylýan uly dowar sürüsiniň çopanynyň gyşyň aňzakly günlerinde ýarawsyz bolup galan pursatlarynda çopan itiniň sürini uzak wagtlap, çöl ýyrtyjylaryndan gorap saklandygy, şeýle-de onuň öz eýesini ölümden halas edip galandygy barasynda gürrüň berilýär. Şeýle rowaýatlar Gahryman Arkadagymyzyň ajaýyp kitabynda hem öz aýdyň beýanyny tapypdyr. Sözümiň şu ýerinde türkmen alabaýlarynyň nesil berijiligi

fine-wool sheep called Saryja and the Turkmen Arwana camels, world famous as "ships of the desert", capable of crossing long distances in harsh weather conditions with their heavy loads. According to some reports, the history of the Turkmen Alabay dates back five thousand years. The Turkmen Alabay is characterised by its large head, strong build, powerful paws, a brave heart, courage and loyalty to its master. This is evident in various proverbs and sayings that have survived to the present day. When our wise ancestors said "A dog in the house means prosperity in the house", they pointed out that if a dog crosses the threshold of the house, it is sure to bring happiness, prosperity and good fortune. There are many proverbs and sayings that clearly show the Turkmen people's respectful attitude to their purebred alabays, for instance: "My dog is my happiness", "A dog is a symbol of loyalty", "A dog's breath heals every ailment", "A dog barks at a bad man", "A dog does not bark at a brave man", etc. Also, Turkmen people have composed legends about a faithful protector, a loyal friend of man. One such legend tells how a shepherd of a large flock of sheep fell ill during severe winter weather, and his faithful helper – a

"сарыджа", всемирно известные как "корабли пустыни" туркменские верблюды-арвана, способные с тяжелым грузом пересекать длительные расстояния в суровых погодных условиях. Согласно некоторым данным, история происхождения туркменского алабая насчитывает пять тысяч лет. Туркменский алабай характеризуется крупной головой, крепким телосложением, мощными лапами, храбрым сердцем, отвагой и преданностью своему хозяину. Об этом говорят дошедшие до наших дней различные пословицы и поговорки. Говоря "Собака в дом – достаток в дом" наши мудрые предки указывали на то, что если собака переступила порог дома, то это обязательно к счастью, достатку, добру. В народе бытует множество пословиц и поговорок, в которых ясно указано уважительное отношение туркменского народа к своим породистым алабаям, например: "Мой пёс – моё счастье", "Пёс символ верности", "Дыхание пса любой недуг лечит", "Пес лает на дурного", "На храбреца и пес не лает" и т.д. Также, туркменский народ слагал легенды о верном защитнике, преданном друге человека. Одна из таких легенд рассказывает о том, как пастух большого стада овец заболел в суровую зимнюю погоду, а его верный помощник туркменский алабай долгое время защищала стадо от



barasynda kelam agyz aýdanymda, bu babatda hem olar beýleki itlerden tapawutlanýar. Ene alabaýlar bary-ýogy 2-3 güjük dünýä inderipdirler. Ol güjükler bolsa, öz iriligi bilen beýleki tohumlardan tapawutlanypdyr. Güjük doglandan köp wagt geçmänkä, yzasy az bolar ýaly, onuň gulak-guýrugy kesilipdir. Tejribeli çopanlaryň aýtmaklaryna görä bu geljekde olaryň ýyrtyjylar bilen garpyşanlarynda, päsgel bermezligi, eşidişiniň, duýgurlygynyň ýokarlanmagy üçin şeýle edilipdir.

Ata-babalarymyz bedewi, alabaý iti, tazyny diňe eldekileşdirmek bilen çäklenmän, bütin dünýä nusgalyk derejä ýetiripdirler. Türkmen itşynaslarynyň uzak ýyllaryň dowamynda alyp baran gözlegli synag işleriniň netijesinde emele gelen saýlama jandarlarynyň arasynda it kowumyndan iki görnüşiniň bolmagy biziň pederlerimiziň bu jandarlarda üýtgeşik ukyplaryň bardygyna göz ýetirendigini görkezýär. «Gazak awy–atly, türkmen awy–itli» diýen nakyl ýönelige aýdylmadyk bolsa gerek. Halkymyzyň janly-jandarlara ysnyşmaklygy, olary özüne imrindirip bilşi, olar bilen şübhesiz ynanyşmagy başarýandygy çeniň-çakyň däldir. Adamlar haýwanlary, guşlary beýleki jandarlary synlap, olaryň ýaşaýşyndaky pynhan syrlaryny, ýaşyryn häsiýetlerini bilermenlik bilen öwrenip, has tapawutly aýratynlyklaryny ýüze çykarmagy başarypdyrlar. Bilşimiz ýaly, il içinde dürli döwürlerde it bilen baglanyşykly nakyllaryň, aýtgylaryň we tymsallaryň ençemesi

Turkmen sheepdog – protected the flock from predators for a long time and helped the owner to cope with the disease. Such legends are also given in the remarkable book by Hero-Arkadag. It would also be desirable to say something about the progeny of Turkmen Alabays. A female Alabay only gives birth to 2-3 puppies. Compared to other breeds, Alabay puppies are quite large. Some time after birth, Alabay puppies are cut off the tail and ears. According to experienced shepherds, this is done to prevent them from fighting with predators in future and to enable them to hear any murmur.

Our ancestors have not only handled Akhalteke horses, Turkmen Alabay and Greyhound, they brought them to the perfect level of the world heritage. Over many years, Turkmen dog breeders have bred two perfect breeds of dogs that have concentrated all the special qualities in them by means of selective breeding research. The Turkmen people have lived in harmony with their environment since ancient times, which has made it easy to tame the best representatives of the animal world, to water the steppe expanses and create a fragrant oasis on their land. For centuries, Turkmen people have

хищников, и помогла хозяину справиться с болезнью. Такие легенды приводятся также и в замечательной книге Героя-Аркадага. Хотелось бы также сказать о потомственности туркменских алабаев. Самка алабая приносит всего 2-3 щенка. По сравнению с другими породами щенки алабая довольно крупные. Спустя некоторое время после появления на свет, щенкам алабая обрубают хвост и уши, по словам опытных пастухов, это делается для того, чтобы в будущем в борьбе с хищниками им ничего не мешало, а также для того, чтобы они слышали любой шорох.

Наши предки не только приручили ахалтекинских коней, туркменских алабаев и борзую, они довели их до совершенного уровня всемирного наследия. На протяжении многих лет туркменские собаководы методом селекционных исследований вывели две совершенные породы собак, в которых сконцентрированы все особенные качества. Туркменский народ издревле живет в гармонии с окружающей средой, благодаря чему с легкостью приручил лучших представителей животного мира, сумел обходить степные просторы и создать благоухающий оазис на своей земле. Туркменский народ веками наблюдая за представителями флоры и фауны, выявлял их особые качества. Одно из лучших

döräpdir. Olaryň arasynda: «It üýrer, kerwen geçer» , «Itim bar–gutum bar», «It–ata, är–daýa», «Itiň demi–süňkiň emi», «Itiň boýnuna göwher daksaň item aglar, göwherem», «Itiň alnyna gelen, gurduňam alnyna geler», «Itiň jyny–diwana», «It batyra üýrer–gorkagy ýarar» , «It burnundan üşär» , «It öz ýalagyny ýalamasa, garny doýmaz» ýaly nakyllar çuň many-mazmuna eýedir.

been observing the representatives of flora and fauna to identify their special qualities. One of the best characteristic qualities of Turkmen Alabay and Turkmen Greyhound - loyalty to the master is mentioned in a proverb of our ancestors: "If my master had seven sons, and each of them gave me a piece of bread as

характерных качеств туркменского алабая и туркменской борзой – преданность хозяину приводится в дошедшей до наших дней присказке наших предков: Собака думает "Было бы у моего хозяина семь сыновей, и каждый из них дал бы мне кусочек хлеба величиной с кончик моего носа, я был бы сыт и счастлив".

Хотелось бы в конце своих слов выразить глубокую признатель-





Bize her bir işde, şol sanda milli medeni mirasymyzy, alabaý itleri ýaly milli gymmatlyklarymyzy sarpalamakda-da nusgalyk mekdep bolýan Gahryman Arkadagymyzyň we hormatly Prezidentimiz Arkadagly Gahryman Serdarymyzyň janlarynyň sag, ömürleriniň uzak bolmagyny, taryhy-medeni we ruhy gymmatlyklarymyz bilen baglanyşykly işleri alyp barmakda mundan beýläk hem rowaçlyklary arzuw edýäris.

**Dädebaý NARTYÝEW,**
**Türkmenistanyň Telewideniýe, radiogepleşikler we kinematografiýa baradaky döwlet komitetiniň Daşoguz welaýat teleradio studiýasynyň gepleşikleri gurnaýjysy we taýýarlaýjysy.**

big as the tip of my nose, I would be fed and happy".

I would like to end my words by expressing my deep gratitude to our Hero-Arkadag and Esteemed President Arkadagly Hero Serdar for their tireless efforts to enhance the global honour and glory of our national cultural values and warmly wishing them further success in their multifaceted activities.

**Dadebay Nartyev,**
**Organiser and author of the programmes of the Dashoguz Velayat TV and Radio Studio of the State Committee on Television, Radio Broadcasting and Cinematography.**

ность нашему Герою-Аркадагу и уважаемому Президенту Аркадаглы Герою Сердару за неустанные заботы по приумножению всемирной чести и славы наших национальных культурных ценностей и сердечно пожелать дальнейших успехов в их многогранной деятельности.

**Дадебай Нартыев,**
**организатор и составитель передач Дашогузской велаятской телерадио студии Государственного комитета по телевидению, радиопередачам и кинематографии.**

# KANISTERAPIÝANYŇ JADYLAÝJY GÜÝJI

## *THE MAGIC POWER OF CANISTHERAPY*

## *ВОЛШЕБНАЯ СИЛА КАНИСТЕРАПИИ*

Soňky döwürlerde Ylmy edebiýatlarda itleriň kömegi bilen adamyň saglygyny dikeldip bolýandygy subut edilýär. Dürli kemisligi bolan näsaga çagalarda ite ysnyşmagyň ähmiýeti hakynda köp çaklamalar bar. Esasan hem, itiň kömegi bilen sagalmak çagalar, ýaş-ýetginjekler üçin has

In recent years, scientific literature has shown that dogs are capable of restoring human health. There are many assumptions about the importance of bringing dogs closer to children with various developmental disabilities. In particular, therapy with dogs is more suitable for chil-

В последние годы в научной литературе показано, что собаки способны восстанавливать здоровье человека. Существует множество предположений о важности сближения собак с детьми с различными отклонениями в развитии. В частности, терапия с участием собак больше



amatlydyr. Eger çaganyň daýanç-hereket agzalarynda, muskullarynda kemislikler bolan ýagdaýynda, ony "maýyplaryň arabasyna" mündürip, daşarda we içerde it bilen öwrenişdirmek zerur bolýar. Onuň üçin türkmen alabaýlaryndan peýdalanyp bilner. Haçan-da çaga, ýetginjek it bilen dostlaşanda, öz şahsy keselini az wagtlaýyn hem bolsa ýadyndan çykarýar, it bilen oýnap başlaýar, onuň ýerine ýetirýän hereketini gaýtalajak bolýar. Netijede, näsag çagada tebigy we şertli refleksler oýanýar. Geçen asyryň 60-njy ýyllarynda ilkinji gezek emosional durnuksyz, hereket etmesi peselen näsaglary it bilen ysnyşdyrmak arkaly, oňa ideg etmegiň üsti bilen bejergi çäreleri geçirilip başlandy.

dren and adolescents. If a child has limb and muscle disorders, it is necessary to put him in a "wheelchair" and accustom him to the dog outside and inside the house. For this, you can use a Turkmen Alabai. When a child or teenager makes friends with a dog, he temporarily forgets about his personal illness, begins to play with the dog, tries to repeat the dog's behavior. As a result, the sick child awakens natural and conditioned reflexes. In the 60s of the last century, emotionally unstable patients with limited mobility were treated for the first time by bringing them closer with dogs.

American psychiatrist Boris Levinson was the first to present a

подходит детям и подросткам. Если у ребенка есть нарушения в конечностях и мышцах, необходимо посадить его в «инвалидную коляску» и приучить к собаке снаружи и внутри дома. Для этого можно использовать туркменского алабая. Когда ребенок или подросток подружился с собакой, он на время забывает о своей личной болезни, начинает играть с собакой, пытается повторить поведение собаки. В результате у больного ребенка пробуждаются естественные и условные рефлексы. В 60-х годах прошлого столетия впервые было проведено лечение эмоционально неустойчивых больных с ограниченной подвижностью путем сближения их с собаками.



Haýwanlar bilen adamyň kesellerini bejermek taglymatyny ilkinji bolup amerikan psihiatry Boris Lewinson hödürledi. Ol öz iş tejribesinde it bilen ysnyşan näsagyň oňyn (položitel) emosiýalary alýandygyny, arzlarynyň azalýandygyny anyklapdyr. Netijede, lukman näsagalary gündelik “itli seanslar arkaly” bejerip başlapdyr. Şol döwürden hem bu usul lukmançylyga girizilip başlapdyr. Häzirki döwürde bu usul Günbatar Ýewropa ýurtlarynda aýratyn meşhurlyga eýe boldy. Lukmanlaryň gelýän netijelerine görä, aýratyn hem çagalarda kelle-beýni ysmazyny berjermekde bu usulyň ähmiýeti uly bolupdyr. Sebäbi çagalar itleriň ýerine ýetirýän hereketlerinden, oýnundan lezzet alypdyrlar, käte oňa özleri hem goşulyşypdyrlar. Şonuň ýaly-da çagalarda duşýan autizm, giperişjeňlik, gözüň görşüniň bozulmasy, eşidişiň peselmesi, ýürek-damar ulgamynyň funksional keselleri ýaly patologiýalary kada getirmekde kanisterapiýa öz oňyn täsirini beripdir.

Häzirki wagtda Türkmenistan döwletimizde tohum alabaýlary köpeltmek boýunça taýsyz tagallalar edilýär. Ýurdumyzda kanisterapiýa geçirmek üçin ähli şertler döredilendir. Şu ýerde bir zady – fizioterapewtiň lukman çaganyň we ýetginjekleriň funksional işjeňligini anyklandan soň bu usuly ulanmaklygy maslahat berip bilýändigini nygtamak isleýäris. Şeýle bejergini ýörite merkezlerde bejermek has maksadalaýykdyr. Elbetde, näsag çagalary it bilen ysnyşdyrmak

theory of treating human diseases with the help of animals. In the course of his work, he found that a patient interacting with a dog receives positive emotions, and his complaints are reduced. Over time, the doctor began to conduct daily “sessions with dogs” for patients. Since then, this method has been introduced into medicine. Currently, this method has become especially popular in Western European countries. According to the results of doctors, this method was of great importance in the treatment of brain damage, especially in children. Because children enjoyed the actions and games of dogs, and sometimes even joined in. Also, canistherapy has a positive effect in the treatment of such pathologies as autism, hyperactivity, visual impairment, hearing loss, functional diseases of the cardiovascular system in children.

Currently, efforts are being made in Turkmenistan to breed alabay. All conditions for canistherapy have been created in the country. Here we would like to emphasize one thing - a physiotherapist can recommend the use of this method after determining the functional activity of children and adolescents. It is more appropriate to conduct such treatment in specialized centers. Of course, bringing sick children closer to a dog is not an easy task. At the same time, the child needs to be in-

Американский психиатр Борис Левинсон первым представил теорию лечения болезней человека с помощью животных. В ходе своей работы он установил, что пациент, взаимодействующий с собакой, получает положительные эмоции, а его жалобы уменьшаются. Со временем врач начал проводить ежедневные «сеансы с собаками» для пациентов. С тех пор этот метод был внедрен в медицину. В настоящее время этот метод стал особенно популярен в странах Западной Европы. По результатам врачей, этот метод имел большое значение при лечении повреждений головного мозга, особенно у детей. Потому что дети наслаждались действиями и играми собак, а иногда даже присоединялись. Также канистерапия оказывает положительный эффект при лечении таких патологий, как аутизм, гиперактивность, нарушение зрения, тугоухость, функциональные заболевания сердечно-сосудистой системы у детей.

В настоящее время в Туркменистане предпринимаются усилия по разведению алабаев. В стране созданы все условия для проведения канистерапии. Здесь хотим подчеркнуть одно – физиотерапевт может рекомендовать применение этого метода после определения функциональной активности детей и подростков. Такое лечение целесообразнее проводить в специализированных центрах. Конечно, сблизить

ýeňil iş dädir. Çagany şol bir wagtda sosial gurşawa hem öwrenişdirmek gerek bolýar. Onuň üçin çagalar bilen toparlaýyn ýa-da şahsy sapaklary geçmeli bolýar. Edil şonuň ýaly-da çagalar bilen işleşjek itler hem test-synagdan geçirilmäge degişlidir. Her çaga sapakdan özüçe netije çykarýar, olara her sapakda şol bir zatlar gaýtalanýan ýaly bolup görünýär, ýöne hassa çaga üçin ol beýle däl. Mysal üçin, çaganyň çala ysýan (ýa-da ysmaýan) eli bilen itiň ýüpünden tutup itmegi we ony göni alyp gitmegi başarmagy, eýýäm özboluşly ýeňişdir. Iti oýnadyp başarmagy bolsa, eýýäm çaganyň ussatlyk bilen ite "diýenini etdirip" bilýänligidir. Kanisterapiýanyň jadylaýjy güýji itiň çagada oňyn motiwasiýany ýüze çykaryp bilmegindedir. Sebäbi it çagany bi-

troduced to the social environment. For this, group or individual classes can be held with children. Dogs that will work with children are subject to similar testing. Each child draws his own conclusions from the lesson, it seems to him that it is "the same thing", but for a sick child it is not so. For example, the ability of a child to grab a dog's leash with a weak (or numb) hand and immediately lead him is already a victory in itself. The ability to play with a dog already means that the child skillfully commands the dog. The magic power of canistherapy lies in the dog's ability to cause positive motivation in the child. Because the dog makes the child move, showing unique games. "Without clear motivation, the child

больных детей с собакой – задача не из легких. В то же время ребенка необходимо приобщить к социальной среде. Для этого можно проводить групповые или индивидуальные занятия с детьми. Аналогично тестированию подлежат собаки, которые будут работать с детьми. Каждый ребенок делает из урока свои выводы, ему кажется, что это «одно и то же», но для больного ребенка это не так. Например, умение ребенка схватить поводок собаки слабой (или онемевшей) рукой и сразу повести его – это уже само по себе победа. Умение играть с собакой – это уже означает что, ребенок умело повелевает собаке. Волшебная сила канистерапии заключается в способности собаки вызывать у ребенка положитель-



ygtyýar hereket etmäge mejbur edýär, özboluşly oýunlary görkezýär. "Anyk motiwasiýa bolmasa, çaga it bilen oýnanda, agyry we oňaýsyzlyk duýup biler. Ýöne, ite öwrenişenden soň welin, çaga kynçylyklar bilen özbaşdak göreşip başlaýar. Elbetde, çaganyň ite öwrenişmegi üçin 1 aýdan 3 aýa çenli wagt gerek. Munuň üçin gündelik zerur bolan işleri – ite ýal bermek (naharlamak), daşarda bile gezelenç etmek we ş. m. bu meseläni oňyn çözüp bilýär. It bilen 3 aý töweregi işleşilenden soň çaganyň saglygy dogrusynda anyk netijeleri almak bolýar. Ýöne, it bilen yzygiderli, elmydama we seresaply meşgullanmak zerurdyr. Iti bilen daşarda gezelenç edýän uly adamlarda hem nerw dartgynlygy, gipertoniýa keseli we hereket işjeňligi bilen bagly keseller bolan metabolik sindrom, ateroskleroz az duşýar. Telewizora seredip, "awçy itlerden" gorkýan näsaglarda birbada ite öwrenişmek, ysnyşmak kyn düşýär. Şu ýerde ýene-de bir zady, ol hem bolsa itiň hem öz "muşdaklary" bilen öwrenişmegi, ysnyşmagy üçin belli bir wagt gerek bolýandygyny unutmaly däldir.

**Jumadurdy SOPYÝEW,**
**Türkmen döwlet bedenterbiýe we sport institutynyň sportuň mediki-biologik üpjünçiligi kafedrasynyň dosenti, lukmançylyk ylymlarynyň kandidaty.**

may experience pain and discomfort when playing with the dog. But having gotten used to the dog, the child begins to cope with difficulties on his own. Of course, it takes the child from 1 to 3 months to get used to the dog. For this, daily activities are necessary - feeding the dog, walking together on the street, etc. can positively solve this problem. After about 3 months of working with the dog, you can get clear results about the child's health. However, it is necessary to regularly, continuously and thoroughly work with the dog. Elderly people who walk with their dog also have a lower incidence of metabolic syndrome, atherosclerosis, which is associated with nervous tension, hypertension and diseases associated with activity. Unfortunately, patients who are afraid of dogs find it difficult to get used to the dog. And one more thing, we should not forget that the dog also needs some time to get used to its "fans".

**Jumadurdy SOPYYEV,**
**Docent of the Department of Sports Medicine and Biological Maintenance of the Turkmen State Institute of Physical Culture and Sports, Candidate of Medical Sciences.**

ную мотивацию. Потому что собака заставляет ребенка двигаться, показывая уникальные игры. «Без четкой мотивации ребенок может испытывать боль и дискомфорт при игре с собакой. Но привыкнув к собаке, ребенок начинает самостоятельно справляться с трудностями. Конечно, чтобы привыкнуть к собаке, ребенку требуется от 1 до 3 месяцев. Для этого необходимы ежедневные дела – покормить собаку, вместе погулять на улице и т.п. может положительно решить эту проблему. Примерно через 3 месяца работы с собакой можно получить четкие результаты о здоровье ребенка. Однако необходимо регулярно, продолжительно и тщательно заниматься с собакой. Пожилые люди, которые гуляют со своей собакой, также имеют меньшую заболеваемость метаболическим синдромом, атеросклерозом, связаный с нервным напряжением, гипертонией и т.п. К сожалению, пациентам, боящимся собак, сложно привыкать к собаке. И еще, не следует забывать, что собаке тоже нужно некоторое время, чтобы привыкнуть к своим «поклонникам».

**Джумадурды СОПИЕВ**,
**доцент кафедры медико-биологического обеспечения спорта Туркменского государственного института физкультуры и спорта, кандидат медицинских наук.**

## Skanwordyň soraglary türkmen halkynyň Milli Lideri Gahryman Arkadagymyzyň tagallasy bilen neşir edilen «Paýhas çeşmesi» kitabyndan alyndy

| | | | | | | | | | | | |
|---|---|---|---|---|---|---|---|---|---|---|---|
| | 1. «Gep tapmasaň, köneleriň gepini ...» | 2. «... barly bolsa, başy aşak» | | | | | 3. «Gözellik ..., dokuzy don» | | | 4. «Aş tagtadan çykar, ... – pagtadan» | |
| | 5. «Ýaman ýoldaş ýow bolar, ... işi daw bolar» | | 6. «Ýylan ... gysganar» | | 7. «Çapar toýnak – ... gyzar» | | 8. «Berene bäş köp, ... alty az» | 9. «Ýarym güne ... ýok» | | 10. «At toýnagyn taý ...» | |
| P | Ä | H | I | M | - | P | A | Ý | H | A | S |
| | 11. «Köpüň dilegi ... bolar» | | 12. «Göz ... eýesi, göwün – syr» | | 13. «Itiň agzy ... bolsa-da, möjek görende biriger» | | | | 14. «... tagamyn dadan biler» | | |
| | | | | 15. «Adam – amanat, ... – baky» | | 16. «... bolsun – baly bolsun» | | | | 17. «Müsürde ... bolandan, öz iliňde geda bol» | |
| 18. «Saýa düşen ýerde ... bitmez» | | 19. «Dek ... dynç uklar» | U | M | M | A | N | Y | 20. «... gitse gitsin, pälim gitmesin» | | 21. «... – kerweniň ýoldaşy» |
| | | | | 22. «... kemini bilmedik, ýolda galar» | | | | | | | |
| 23. «Oturan orun ..., ýörän – ýol» | 24. «Baý ... bahyl gysganar» | | 25. «Ýerden tapsaňam, sanap ...» | | | 26. «Pada ..., padyman azaşdyrar» | 27. «Ýigide müň dürli hünär hem ...» | 28. «Az gürle, ... gürle» | | | 29. «Dostuň müň bolsa-da ...» |
| 30. «Agajy ne jüre bolsa, miwesi hem ... jüre» | M | A | G | T | Y | M | G | U | L | Y | 31. «At ... gitgir, ozan dili ötgür» |
| | | | 32. «Batyra ýarag ... hajat» | | 33. «... itse dag süýşer» | 34. «Malyň ... ajykdyr, ýeriň – köpi» | | | | 35. «... bar ýerde kerep bar» | |
| | | 36. «Ite – ..., gurda – iým» | 37. «Bugdaý ýykylsa, ... bolar» | | | 38. «Oýnap aýtsaňam, oýlap ...» | | 39. «Gaz uçsa, ... gonar» | | | |
| 40. «... öýüň ýşygy bu öýe düşmez» | | 41. «... sanaja girmesin, är ýüreksiz bolmasyn» | P | Y | R | A | G | Y | 42. «... günüň ertesi bar» | 43. «Ýalňyz goldan ... çykmaz» | |
| | | 44. «Ak gireni bilen ... girmez» | | | 45. «... dag eteginde, ýa-da bag eteginde» | | | 46. «... – ekeniňki, ýap – çekeniňki» | | | |
| 47. «Dert – agladar, ... – sözleder» | | | | 48. «Dart – üzme, ... – ýykma» | | | 49. «Süýtde agzy bişen, ... üfläp içer» | | | | |

**Düzen Döwletgeldi Hallygylyjow,**
**Türkmen döwlet neşirýat gullugynyň baş hünärmeni.**

Žurnalymyzyň geçen sanynda çap edilen skanwordyň
**JOGAPLARY**

1.**Nobat**; 2.**Beg**; 3.**Baý**; 4.**Ýokar**; 5.**Iş**; 6.**Toba**; 7.**Ol**; 8.**Şat**; 9.**Dag**; 10.**Syry**; 11.**Eder**; 12.**Är**; 13.**Haka**; 14.**At**; 15.**Daşa**; 16.**Et**; 17.**Uz**; 18.**Ah**; 19.**Aryk**; 20.**Ady**; 21.**Azy**; 22.**Ysy**; 23.**Ýa**; 24.**Az**; 25.**Yşyk**; 26.**Ýaz**; 27.**Syn**.

# TÜRKMENIŇ NUSGALYK ALABAÝY

**Baş redaktor**: Narly Nuryýew
**Jogapkär kätip**: Kemal Nazarow
Esaslandyryjysy – Halkara «Türkmen alabaý itleri» assosiasiýasy

A – 115014
Indeksi: 5757676
Çap etmäge rugsat berildi 21.10.2024.
Ölçegi 60x90 $^{1}/_{8}$. Çap listi 6,0. Hasap-neşir listi 6,28. Sargyt № 2874. Sany 2200.

Žurnala gelen golýazmalar, suratlar yzyna gaýtarylmaýar, olara jogap hem syn berilmeýär.
Žurnaldan maglumatlar göçürilip çap edilende, žurnala hökmany salgylanmalydyr.
Žurnal Türkmen döwlet neşirýat gullugynyň Metbugat merkezinde çap edildi.
Žurnalyň çap edilişiniň hiline Metbugat merkezi jogap berýär.
Redaksiýanyň salgysy: Türkmenistan, Aşgabat şäheri, Bitarap Türkmenistan şaýoly, 553/2.
Tel: 39-81-91.

*****

**Editor-in-chief**: Narly Nuryyev
**Executive Secretary**: Kemal Nazarov
Founder – «Turkmen Alabay Dogs» International Association

A – 115014
Index: 5757676
Signed for publication 21.10.2024. Format 60x90 $^{1}/_{8}$
Paper 6,0. Press sheet 6,28. Order № 2874. Circulation 2200.

Manuscripts and drawings sent to the magazine are not returned and are not reviewed.
When copying and printing data from the magazine, a link to the magazine is required.
The magazine has been published at the Printing Center of the Turkmen State Publishing Service.
The Printing Center is responsible for the quality of printing of the magazine.
Address of the editorial office: 553/2th, Bitarap Turkmenistan Avenue, Ashgabat city, Turkmenistan.
Tel: 39-81-91.

*****

**Главный редактор**: Нарлы Нурыев
**Ответственный секретарь**: Кемал Назаров
Учредитель – Международная ассоциация «Туркменские алабаи»

A – 115014
Индекс: 5757676
Подписано в печать 21.10.2024. Формат 60x90 $^{1}/_{8}$
Печ. л. 6,0. Учет. изд. л.6,28. Заказ № 2874. Тираж 2200.

Рукописи и рисунки, присланные в журнал, не возвращаются и не рецензируются.
При копировании и печати данных из журнала ссылка на журнал обязательна.
Журнал отпечатан в Центре печати Туркменской государственной издательской службы.
Ответственность за качество печати журнала несёт Центр печати.
Адрес редакции: Туркменистан, город Ашхабад, проспект Битарап Туркменистан, 553/2.
Тел: 39-81-91.

